# Adam gaýtalanmaýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Adam gaýtalanmaýar ADAM GAÝTALANMAÝAR

Men ölemsoñ,
Ýagyş bolup,
Ýel bolup
Ýa-da sonar sähramyzda gül bolup,
Dolanyp gelerin ýene bu dünýä –
Diýen şahyr örän nähak öwünýä.
Ölensoñ,
Adamyñ çeşme-çaý bolup
Ýa-da güle gonan bilbile dönüp,
Ýazda ýyldyrym dek asmanda süýnüp,
Gaýdyp gelmejegne men güwä geçýän!
Men meteor kimin ömürlik öçýän…
Galat aýdypdyrlar gadym Grekler,
Dünýäde hiç bir zat gaýtalanmaýar.
Dolanyp gelmeýär
Hiç haçan
Hiç kim!
Her kimiñ öz durky,
Öz dünýäsi bar.
Meniñ ýazman giden setirlerimi
Menden soñ hiç kimse ýazyp bilmeýär.
Dünýäde hiç bir zat gaýtalanmaýar.
Dünýä täzelenýär!
Dünýä ölmeýär!

Ata ATAJANOW. Goşgular